# Gaýrat saňa, halal türkmen daýhany!

***Bäsdeşlige ukyply obasenagat toplumyny kemala getirmek, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek we eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň esasy wezipeleriniň biridir. Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijiler maliýe-ykdysady taýdan goldanylýar. Daýhanlara dünýäniň öňdebaryjy oba hojalyk tehnikalaryny we enjamlaryny satyn almak üçin ýeňillikli esasda karzlar berilýär. Munuň özi olary täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrýar, Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň pugtalandyrylmagyna, halkymyzyň durmuş hal-ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyna goşant goşýar.***

19-njy sentýabrda paýtagtymyzda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde Milli Liderimiz hem-de hormatly Prezidentimiz taryhy çykyşlar edip, Garaşsyzlyk ýyllarynda oba hojalyk işgärleriniň uly zähmet üstünliklerini gazanandyklaryny bellediler. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: «Biz oba hojalyk pudagynyň işini ylym hem-de ýokary tehnologiýalar bilen baglanyşdyryp, geljekde-de giň gerimde ösdüreris» diýen sözleri bolsa zähmetkeş halkymyzyň kalbynda buýsanç duýgularyny döretdi. Ýeri gelende bellesek, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllyk baýramy mynasybetli oba zähmetkeşleriniň ençemesine döwlet sylaglarynyň, Şa serpaýlarynyň gowşurylmagy olary ýeneki zähmet üstünliklerine ruhlandyrdy.

2024-nji ýylyň hasylyndan başlap, bugdaýyň we pagtanyň döwlet satyn alyş nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagy ekerançylarda mundan beýläk-de yhlasly zähmet çekmäge höwes döretdi. Şu ýyl edermen gallaçy daýhanlarymyz 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny Watan harmanyna tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli berjaý etdiler. Ýurdumyzda ýüpekçilik pudagyny ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeler üstünlikli berjaý edilip, 2 müň 100 tonnadan gowrak pile öndürildi. 10-njy sentýabrda bolsa ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda pagta ýygymyna girişildi. Häzirki wagtda edermen daýhanlarymyz «ak altynyň» bol hasylyny ýygnamak işlerini üstünlikli dowam edýärler. Pagtaçylyk oba hojalyk toplumynyň esasy pudaklarynyň biri bolup, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümçilikleri ösdürmek we milli ykdysadyýetimiziň eksport kuwwatyny ýokarlandyrmak boýunça maksatnamalary durmuşa geçirmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Oba hojalyk pudagyny döwrüň talaplaryndan ugur alyp ösdürmegi nazarda tutýan Türkmenistanyň kanunlary, birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalary bu pudagyň kanunçylyk esaslaryny düzýär. Ýakyn we uzak möhletlere niýetlenen maksatnamalaryň hem pudagy ösdürmekde aýratyn orny bardyr. Olarda azyk, guşçulyk, et we süýt önümçilik kärhanalarynyň senagat kuwwatlyklaryny artdyrmak üçin şertler döredilýär. Netijede, ýurdumyzda ekologik taýdan arassa gök önümleriň, miweleriň, bugdaýyň we pagtanyň bol hasyly ýetişdirilýär.

Все права защищены

**Gülbagt HÖWEZOWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.**

Все права защищены